***Bu gün mukaddes toýumyzda – bu diňe bir senäniň täzeden gelmegi däl. Bu gün biz türkmen halkynyň ýüreginde müňýyllyklardan bäri  ýaşap gelýän parahatçylyk söýüjilik düşünjesiniň dünýädäki tassyklanan beýik nyşany -hemişelik Bitaraplygyň ruhy dabarasyny belleýäris.***

Bitaraplyk – bu diňe bir syýasy ugur, diplomatik ýol däl. Bitaraplyk türkmen halkynyň ruhundaky aramlygynyň, hoşniýetliligiň, myhmansöýerligiň beýanydyr. Ol sährada ýeliň ylham bilen öwüsýan ýyly ýüregi ýaly, nur saçyp, giň dünýäni parahatlygyň owazyna garyp dur.

Bitaraplyk syýasaty – dünýä bilen aramlygyň tämiz çesmesi. Bu çeşmäniň suwy hiç bulanyp bilmez. Ol dostlukdan, ynanyşmakdan, hormatdan gözbaş alýar. Dünýä halklary bilen çesmeden suw içende, olaryň ýürekleri rahatlyk bilen doludyr, ýoluna ýagtylyk çaýýar.

Biz Bitaraplygymyz arkaly dünýä ýüzüne şeýle bir habar berýaris:

- Biz size garşy däl – biz size açyk.
- Biz garşydaş däl – biz dost.
- Biz garşylyk däl – biz size hyzmatdaşlyk hödürleýäs.

Bu mukaddes dereje bize halkara derejesinde uly abraý getirýär. Bitaraplyk halkymyza döredijilik ylhamy berýär, il-ýurt içinde agzybirligi, asudalygy, ylalaşygy goldap, ýaşaýşymyzyň her gününe baý, her ertirine toý ruhuny çaýýar.

Biz Bitaraplygymyza daýanyp geljege ynam bilen barýarys, parahatlykdan güýç alýarys. Hemişelik Bitaraplygyň mukaddes çyrasy elmydama nur saçyp dursun! Bu parahatlygyň, ösüşiň we ynsanperwerligiň ýoluny alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun!

Goý, hemişe parahat we gülläp ösýän Bitarap Türkmenistan döwletimizde türkmen halky üçin edýän atalyk aladalarynyň dowamaty dowam bolsun!

**Allamyrat MÄMMEDOW,**
**Mary etrabynyň Ç.Gurbangylyjow adyndaky**
**19-njy orta mekdebiniň okuw işleri boýunça orunbasary.**

Все права защищены